# Gökdepe etrabynyň çäginde ýerleşýän kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, şeýle hem etrabyň ýaşaýjylarynyň dykgatyna!

Ahal welaýatynyň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirligi, Gökdepe etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölümi tarapyndan 2025-nji ýylyň 14-nji maýynda Gökdepe etrabynyň Gökdepe şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 75-nji jaýynda ýerleşýän Gökdepe etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň edara binasynda sagat 10:00-dan 13:00-a çenli boş iş orunlarynyň ilata hödürleniş çäresini geçirýändigini habar berýär!

Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň hem-de hususy telekeçileriň, özlerindäki boş iş orunlary baradaky maglumatlary bilen bilelikde agzalan çärä wekilleriniň gatnaşmaklaryny üpjün etmeklerini;

Işe ýerleşmek isleýän raýatlaryň bolsa şahsyýetini tassyklaýan resminamasy, eger bar bolsa, zähmet depderçesi hem-de hünärini tassyklaýan resminamasy bilen agzalan çärä gatnaşmaklaryny haýyş edýäris.

Çäräniň geçiriljek ýeriniň salgysy:

Gökdepe etrabynyň Gökdepe şäheriniň Magtymguly şaýolunyň 75-nji jaýynda ýerleşýän Gökdepe etrabynyň zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi bölüminiň edara binasy

Habarlaşmak üçin:
+993132 6-00-34;
+993132 6-00-48.